Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№21 (170) 2026-njy ýylyň 20-nji sentýabry




## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

11-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Gahrymany, GDA-nyň Tohumçylyk meseleleri boýunça hökümetara utgaşdyryjy geňeşiniň başlygy, «Semena» assosiasiýasynyň başlygy Iwan Kuzmine doglan güni mynasybetli ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

11-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Ýaponiýanyň ykdysadyýet, söwda we senagat boýunça döwlet ministri Kenji Ýamadany kabul etdi.

***

11-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

***

12-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle hem hut öz adyndan Singapur Respublikasynyň Prezidenti jenap Tarman Şanmugaratnama, Premýer-ministri Lourens Wonga we ýurduň ähli halkyna Türkmenistan bilen Singapur Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

12-nji sentýabrda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda binýat bolan Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany»: parahatçylygyň, dostlugyň we hyzmatdaşlygyň giňişligi» atly ýokary derejedäki halkara mejlis geçirildi.

***

14-nji sentýabrda moldowa tarapyndan parlamentara dostluk toparynyň ýolbaşçysy Petru Burdužanyň ýolbaşçylygyndaky Moldowa Respublikasynyň wekiliýetiniň Türkmenistana saparynyň çäklerinde birnäçe ministrliklerde, şol sanda Daşary işler ministrliginde ikitaraplaýyn duşuşyklar, Mejlisde milli parlamentiň ýolbaşçysy D.Gulmanowa bilen duşuşyk hem-de Türkmen-moldowan parlamentara dostluk toparynyň mejlisi geçirildi.

***

14-nji sentýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «akylly» şäher konsepsiýasy esasynda bina edilen Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyrdy. Gahryman Arkadagymyz şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynyň çäklerinde alnyp barylýan işler, daşary ýurt dillerini çuňlaşdyryp öwretmäge ýöriteleşdirilen döwrebaplaşdyrylýan mekdebiň, çagalar bagynyň we sport toplumynyň gurluşyk hem-de içki bezeg işleriniň şekil taslamalary bilen tanyşdy.

***

14 — 16-njy sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Koreýa Respublikasyna döwlet saparyny amala aşyrdy.

***

16-njy sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Meksikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidenti hanym Klaudiýa Şeýnbauma we ýurduň ähli halkyna Meksikanyň Birleşen Ştatlarynyň milli baýramy — Garaşsyzlyk güni mynasybetli mähirli gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

«Ýaş diplomatyň sesi».

## HOŞNIÝETLI HYZMATDAŞLYGYŇ AÝDYŇ ÝOLY

*Umumadamzat bähbitlerini nazarlaýan daşary syýasaty durmuşa geçirip, halkara abraýy barha belende galýan hemişelik Bitarap Watanymyz dünýäniň ençeme döwletleri bilen özara bähbitli, deňhukukly, dostlukly gatnaşyklary barha berkidýär. Hususan-da, Aziýa — Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlary, şol sanda Koreýa Respublikasy bilen köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk pugtalandyrylýar. Ýakynda hormatly Prezidentimiziň Koreýa Respublikasyna amala aşyran döwlet sapary hem özara gatnaşyklaryň ýylýazgysyna altyn harplar bilen ýazylan wakalaryň biri boldy.*

Mälim bolşy ýaly, 14-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow döwlet sapary bilen Koreýa Respublikasyna bardy. 15-nji sentýabrda döwlet saparynyň çäklerinde Arkadagly Gahryman Serdarymyz bilen Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Li Çže Mýonuň arasynda ikitaraplaýyn gepleşikler geçirildi. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz Koreýa Respublikasynyň Milli Assambleýasynyň Başlygy we Premýer-ministri bilen duşuşdy. Ýeri gelende bellesek, hormatly Prezidentimiz Türkmen-koreý işewürlik maslahatynyň ýokary derejeli mejlisine gatnaşdy.

Ir bilen döwlet Baştutanymyz Koreýa Respublikasynyň Milli gahrymanlarynyň ýadygärligine gül desselerini goýdy. Soňra hormatly Prezidentimizi «Çhonwade» köşgünde Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Li Çže Mýon mähirli garşylady. Iki ýurduň wekiliýetleriniň gatnaşmagynda giňişleýin düzümde geçirilen duşuşykda hormatly Prezidentimiz saparyň ikitaraplaýyn gatnaşyklary has-da giňeltmäge gönükdirilendigini, geçirilen gepleşikleriň bolsa iki döwletiň özara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegi maksat edinýändigini tassyklaýandygyny aýdyp, türkmen tarapynyň bu saparyň netijelerine ýokary geçirilen netijeli gepleşikler, iki ýurduň arasyndaky dostlugy we hyzmatdaşlygy ösdürmäge taýýardygy üçin koreý tarapyna minnetdarlyk bildirip, Prezident Li Çže Mýony geljek ýylda Türkmenistana sapar bilen gelmäge çagyrdy. Soňra iki ýurduň döwlet Baştutanlarynyň gatnaşmagynda ikitaraplaýyn resminamalary alyşmak dabarasy boldy.

Günüň ikinji ýarymynda Arkadagly Gahryman Serdarymyz Songýungwan uniwersitetine geldi. Bu ýerde döwlet Baştutanymyza Songýungwan uniwersitetiniň syýasy ylymlaryň hormatly doktory derejesini bermek dabarasy geçirildi. Dünýäniň iň gadymy we abraýly ýokary okuw mekdepleriniň biriniň hormatly adyna mynasyp görülmegi hormatly Prezidentimiziň adamzat medeniýetiniň ösüşinde we halkara dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmakda bitiren ägirt uly hyzmatlarynyň dünýä derejesindäki nobatdaky ykrarnamasydyr.

Şol gün Koreýa Respublikasyna döwlet saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Koreýa Respublikasynyň Milli Assambleýasynyň Başlygynyň hem-de ýurduň Premýer-ministriniň arasynda geçirilen duşuşyklarynda Türkmenistan bilen Koreýa Respublikasynyň arasynda dürli ugurlar boýunça netijeli gatnaşyklaryň alnyp barylýandygy bellenilip, şu döwlet saparynyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga ýardam berjekdigine ynam bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz Koreýa Respublikasyna döwlet saparynyň çäklerinde Türkmen-koreý işewürlik maslahatynyň ýokary derejeli mejlisine gatnaşdy. Türkmen-koreý işewürlik maslahatynyň öňüsyrasynda hormatly Prezidentimiz türkmen telekeçileriniň öndüren önümleriniň sergisi bilen tanyşdy.

Maslahatyň ýokary derejeli mejlisi açyk diýlip yglan edilenden soňra, çykyş etmek üçin hormatly Prezidentimize söz berildi. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň geljegi uly bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmekde Koreýa Respublikasynyň işewürler jemgyýetçiligine ähli zerur şertleri döretmäge we olara hemmetaraplaýyn goldaw bermäge taýýardygyny belläp, şu duşuşygyň iki ýurduň arasyndaky işewürlik hyzmatdaşlygyny berkitmekde nobatdaky möhüm ädim boljakdygyna we iki tarapyň bähbitlerine laýyk gelýän täze anyk taslamalary kesgitlemäge mümkinçilik berjekdigine ynam bildirdi. Türkmen-koreý işewürlik maslahatynyň netijeleri boýunça ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy.

16-njy sentýabrda hormatly Prezidentimiz Koreýa Respublikasyna döwlet saparynyň çäklerinde köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýyl ýazgysynda taryhy sahypany açýan «Merkezi Aziýa — Koreýa Respublikasy» ilkinji sammitine gatnaşdy. Bu ýerde döwlet Baştutanymyz çykyş edip, Türkmenistanyň ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda we durmuş ulgamynda, ylym-bilim, medeniýet, ýaşlar, ekologiýa, parlament diplomatiýasy ýaly ugurlarda netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça alyp barýan işlerini belläp, degişli tekliplerini we pikirlerini beýan etdi. Şol gün hormatly Prezidentimiz «Merkezi Aziýa — Koreýa Respublikasy» görnüşindäki işewürler sammitine gatnaşyp, sebitiň ýurtlary bilen dostlukly döwletiň işewür düzümleriniň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ähmiýeti, bu ugurda ýetilen sepgitler we bar bolan mümkinçilikler barada çykyş etdi.

Ýeri gelende bellesek, saparyň çäklerinde gol çekilen resminamalaryň hatarynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Strategik barlaglar boýunça ylmy merkezi bilen Seul milli uniwersitetiniň Aziýa merkeziniň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyk hem bar.

Sözümizi jemläp aýdanymyzda, döwlet Baştutanymyzyň Koreýa Respublikasyna amala aşyran döwlet sapary sebit döwletleri we alysdaky dostlukly ýurtlar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygyň berkidilmeginde möhüm ähmiýete eýe boldy.

**Hudaýberdi ROZYKOW,**
Halkara gatnaşyklary fakultetiniň
5-nji ýyl talyby.

# AHALTEKE BEDEWLERI — PARAHATÇYLYGYŇ WE DOSTLUGYŇ ILÇISI

Türkmen bedewi, halysy, dutary, ak bugdaýy, şaý-sepleri, küştdepdisi we alabaýy bularyň hemmesi halkymyzyň döreden maddy we ruhy gymmatlyklarydyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ady rowaýata öwrülen türkmen ahalteke bedewleriniň şan-şöhraty Ýer ýüzünde barha belende galýar. Atababalarymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda kemala getiren behişdi bedewleri bu günki gün bütin dünýäde meşhurlyga eýe bolup, olaryň at-abraýy, gözelligi we mertebesi äleme ýaýylýar.

Türkmen halkynyň ýaşaýşy we onuň ruhy durmuşy bilen möhüm sazlaşygy emele getirýän bedewler hakyndaky gymmatly maglumatlar alym Arkadagymyzyň «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Gadamy batly bedew», «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitaplarynda giňişleýin beýan edilýär. Türkmen medeniýetinde bedew diňe bir taryhy miras bolman, eýsem halkyň köpasyrlyk ruhy dünýäsiniň bezegi hem-de durmuş pelsepesiniň janly beýanydyr. Bedew bilen seýisçilik sungaty adamy ruhy taýdan kämilleşdirýän nusgalyk mekdepdir.

Ýyllaryň ýeňişli menzillerini külterläp, türkmenleriň adyny ýedi yklyma tanadýan behişdi ahalteke bedewlerimiz bu gün bütin dünýäniň üns merkezinde. Çünki Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda Niderlandlar Patyşalygynda geçirilen ahalteke atlarynyň arasynda atly sport we gözellik bäsleşikleriniň dünýä çempionatynda türkmen bedewleri asylly gylyk-häsiýeti, owadanlygy, görk-görmegi, ýyndamlygy bilen hemmeleri haýrana goýdy. Kronenberg şäherinde uly ruhubelentlige beslenen halkara çäräniň esasy bezegi bolsa dünýäniň dürli ýurtlaryndan getirilen 80-den gowrak ajaýyp ahalteke bedewi boldy.

Ahalteke atlarynyň arasyndaky gözellik we dressaž bäsleşikleri, konkur ýaryşy, «Ahalteke bedewi: türkmeniň dünýewi seýisçilik sungaty» atly halkara ylmy-amaly maslahat, Ýewropanyň iň gowy bedewini saýlamak, atlaryň gözelligini sungat eserlerinde wasp etmek boýunça gözden geçirilişler, Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň açyk mejlisi, türkmen atçylyk sungatyna, medeniýetine, çeper döredijiligine we Ýewropanyň atçylyk pudagyna bagyşlanan sergi, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň görkezme çykyşlary, medeniýet we sungat ussatlarynyň konserti ýaly her biri aýratyn mana eýe bolan çäreler Kronenberg şäheriniň şatlyk-şowhunyň mekanyna öwürdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň açyk mejlisindäki çykyşy özüniň täsirliligi bilen hemmeleriň ünsüni çekdi. Mejlisde çykyş eden Ýewropa ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň ýolbaşçysy Marian Weltewredeniň ahalteke atlarynyň arasynda şeýle uly dünýä çempionatynyň Ýewropada ilkinji gezek geçirilýändigini belläp, bu taryhy waka bilen baglylykda, Ýewropa ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň Gahryman Arkadagymyzy «Atçylygy ösdürmäge goşan uly goşandy üçin» atly baýrak we degişli Kubok bilen sylaglamak kararyna gelendigini aýdyp, sylaglary Milli Liderimize gowşurmagy tüýs ýürekden bellemäge mynasyp waka boldy.

Niderlandlar Patyşalygynda geçirilen ahalteke atlarynyň arasynda gözellik we atly sport bäsleşikleri boýunça dünýä çempionatynyň çäklerinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitabynyň niderland dilindäki neşiriniň tanyşdyrylyş dabarasy boldy. Munuň özi Ýewropa yklymynda türkmen bedewleriniň şanyna guralan giň gerimli çäreleriň ähmiýetini has-da artdyrdy.

Ýeri gelende bellesek, ýakynda Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde geçirilen «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany: parahatçylygyň, dostlugyň we hyzmatdaşlygyň giňişligi» atly ýokary derejedäki halkara mejlis milli gymmatlyklarymyzyň dabaralanmagy bilen birlikde, parahatçylygyň, dostlugyň we netijeli hyzmatdaşlygyň umumadamzat ähmiýetini özünde jemledi. Mejlisiň dowamynda Niderlandlar Patyşalygynyň Kronenberg şäherinde geçirilen ahalteke atlarynyň arasynda atly sport we gözellik bäsleşigi boýunça dünýä çempionatynyň ähmiýetine hem aýratyn üns çekildi.

Halkara derejeli mejlisden soňra, «Arkadag» binasynyň çägindäki meýdançada Niderlandlar Patyşalygynyň Kronenberg şäherindäki «Pilbergen» atçylyk sport toplumynda ahalteke atlarynyň arasynda atly sport we gözellik bäsleşikleriniň dünýä çempionatynyň üstünlikli geçirilmegi mynasybetli dabaraly konsert guraldy. Hormatly Prezidentimiziň maşgala agzalary bilen bilelikde konserte tomaşa etmäge gelmegi ajaýyp künjekde ýaýbaňlandyrylan giň möçberli dabaralaryň derejesini has-da belende göterdi.

**Çemen BAÝRYÝEWA,**
Dünýä dilleri kafedrasynyň uly mugallymy.



# BEDEW BATLY WATANYM

Bedew bady bilen öňe barýan ata Watanymyzda ýyllar biri-birinden zyýada gelýär. «Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylan ýylymyz hem rysgal-berekede, şatlyk-şowhuna beslenýär. Ýurdumyz boýunça gazanylýan oňyn netijeler hem muňa aýdyň şaýatlyk edýär.

Bu ýylymyzyň «Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylmagy bütin halkymyzy täze ýeňişlere ruhlandyrdy. Ýylky ýylynyň gyzgyn garşylanmagy bilen, agzybir zähmet çeken halkymyz, babadaýhanlarymyzyň yhlasy bilen galla meýdanlaryndan ep-esli hasyl alyp, Watan harmanyna tabşyryldy. Munuň özi tutuş ýylymyzyň berekede beslenýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.




Ýylymyzyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylmagy özboluşly mana eýedir. Bu şanly ýylda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň hem-de baky Bitaraplygymyzyň çuň mazmuny täzeçe öwüşginde has-da dabaralanyp, öňüşlere badalga berýär. Ata Watanymyz ähli ulgamlarda ýeňişli ädimler bilen öňe barýar.

Gündogar müçenamasy boýunça üstümizdäki ýylymyz ýylky, bedew ýyly. Naýbaşy bedewlerimiz bolsa, biziň milli buýsanjymyzdyr, baýlygymyzdyr hem-de ösüşlerimiziň aýdyň nyşanydyr. «At – myrat» diýlişi ýaly, bagtyýar halkymyzyň asylly maksatlary myrat tapýar.

Asyrlarboýy türkmen halky bedewlere uly sarpa goýup gelýär. Gadym döwürlerden bäri bedewlerimiz milletimiziň kalbynda ynamdar we ygtybarly ýoldaş hökmünde aýratyn orun eýeleýär. Hormatly Prezidentimiz «Türkmenistanyň Bitaraplygy – parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynda: «Ahalteke bedewi, türkmen alabaýy diňe bir Türkmenistanyň milli baýlygy däl, eýsem, bütin dünýäniň medeni mirasy bolup durýar. Olar özboluşlylygy, esasan hem, wepalylygy, ýagşy niýetleri duýup bilijiligi, kömek etmäge ilgezikligi eý görülýän häsiýetlerimiz bilen kybapdaşdyr. Taryhyň bütin dowamynda ýanymyzdan aýrylmadyk bu dostlarymyz aýratyn hormata mynasypdyr» diýip, buýsançly jümleler bilen belläp geçýär.

Gözelligi, ýyndamlygy, akyllylygy bilen tapawutlanýan ahalteke bedewi bu gün Türkmenistanyň Döwlet Tugrasynyň bezegi bolup dur. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasyndan syzylyp çykan «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Gadamy batly bedew», «Atda wepa-da bar, sapa-da» ýaly ylmy maglumatlara hem-de baý tejribä ýugrulan eserlerinde türkmen bedewleriniň ýyndamlygy, gaýtalanmajak durky, taýsyz gözellikleri giňişleýin beýan edilýär.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda toýlar toýlara ulaşýar, toýlaryň yzy gür gelýär. Eziz Diýarymyz mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk toýuna hem bedew bady bilen barýar!

**Ogulşirin NEPESOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
1-nji ýyl talyby.

# БЕЗОПАСНОСТЬ ДОРОЖНОГО ДВИЖЕНИЯ – СПОКОЙСТВИЕ НАШЕЙ ЖИЗНИ

Ежегодно проводимый в сентябре в нашей стране месячник «Безопасность дорожного движения — спокойствие нашей жизни» в очередной раз напоминает о важности соблюдения правил дорожного движения, предупреждения дорожно-транспортных происшествий и повышения ответственности водителей и пешеходов.

Каждый день, выходя из дома на работу, учебу, в гости или куда-либо еще, человек становится участником дорожного движения. Поэтому безопасность на дорогах — это общая ответственность не только водителя или пешехода, но и каждого из нас.

В настоящее время на улицах наших городов и сел неуклонно растет количество транспортных средств. В таких условиях особое значение приобретает не только знание правил дорожного движения, но и их строгое соблюдение в повседневной жизни.

Наряду с водителями большую ответственность за соблюдение правил дорожного движения несут и пешеходы. Переходить дорогу необходимо только в установленных местах, дожидаться соответствующего сигнала светофора и внимательно осматриваться по сторонам, прежде чем выйти на проезжую часть. Особенно важно, чтобы дети с раннего возраста обучались правилам дорожного движения, а взрослые служили для них примером.

Культура дорожного движения — неотъемлемая часть общей культуры общества. Проявляя взаимное уважение и терпение на улице, учитывая права других участников дорожного движения, мы вносим вклад в защиту не только собственной безопасности, но и жизни окружающих.

Разъяснительно-просветительские и общественные мероприятия, проводимые в рамках этого месячника, направлены на дальнейшее укрепление ответственного отношения к правилам дорожного движения среди населения. Такая работа имеет большое значение и для повышения культуры дорожного движения среди подрастающего поколения.

Если каждый из нас будет строго соблюдать правила дорожного движения, проявлять терпение и осмотрительность, наши дороги станут безопаснее, а жизнь — спокойнее.

*Подготовлено на основе материалов из интернет-источников.*

**Артык БЕГЕНДЖОВ,**
студент 2-го курса факультета
международной журналистики




11 сентября Министр иностранных дел Туркменистана Рашид Мередов провёл встречу с Государственным министром экономики, торговли и промышленности Японии Кэндзи Ямадой.

**Biz Halk maslahatyna barýarys!**




# DEMOKRATIK ÝÖRELGELERE WE MILLI DÄPLERE YGRARLYLYK

***Halkymyzda «Maslahat bilen tutulan toý dargamaz», «Geňeşli salamat bolar», «Geňeşli ýerde kemlik ýok, geňeşsiz ýerde — deňlik» diýen pähimler bar. Munuň özi ata-babalarymyzyň maslahatlaşmak, geňeş etmek däbine aýratyn gadyr goýandygyny tassyklaýar. Gadymyýetden gözbaş alýan şeýle asylly ýörelgeler Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen häzirki wagtda mynasyp dowam etdirilýär. Munuň şeýledigini öňde boljak Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisiniň mysalynda-da görmek bolýar. Häzir ählihalk forumyna ýokary derejede taýýarlyk görülýär. Halka sala salmak, döwletli tutumlaryň başyna barlanda ilçilikde sylanýan adamlar bilen maslahatlaşmak halkymyzyň asyrlarboýy eýerip gelen asylly däbidir.***

Türkmenistanyň Halk Maslahaty halkyň bähbitlerini goraýan ýokary wekilçilikli edaradyr. Ol ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda uly orna eýedir. Bu edara 2023-nji ýylyň 21-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Halk Maslahaty görnüşinde döredildi. Şol günden bäri Halk Maslahaty ildeşlerimiziň bagtyýar ýaşaýşyny üpjün etmekde, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmakda, dünýä bileleşiginde abraýyny ýokarlandyrmakda, şeýle hem milli terbiýeli, ösen aň-düşünjeli, sagdyn ýaşlary ýetişdirmekde uçursyz köp işleri bitirip gelýär. Demokratiýa, aýanlyk, adalatlylyk, kanunyň hökmürowanlygy, halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutmak, adamyň we raýatyň kanunyň öňündäki deňligini üpjün etmek, adamyň hukuklaryna we azatlyklaryna hormat goýmak, çözgütleri erkin ara alyp maslahatlaşmak we kabul etmek, jemgyýetçilik pikirini nazara almak bu ýokary wekilçilikli edaranyň esasy ýörelgeleridir.

Däp bolşy ýaly, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi Garaşsyzlyk baýramynyň öňüsyrasynda geçirilýär. Onda geçilen ýollara ser salynýar we öňde goýlan maksatlara ýetmek bilen bagly wezipeler kesgitlenilýär. Baş baýramymyzyň şatlykşowhuny umumymilli forumda kabul edilýän halk bähbitli çözgütleriň çawy bilen utgaşýar. Mejlise ýurdumyzyň ähli künjeginden dürli kärdäki we ýaşdaky ildeşlerimiziň, şeýle hem talyp ýaşlaryň gatnaşmagy halkyň agzybirligini hem-de jebisligini, häkimiýet bilen halkyň mizemez bitewüligini hasda berkitmäge ýardam edýär.

Ählihalk forumyna gatnaşyjylaryň arasynda ýaşuly nesliň wekilleriniň bolmagy aýratyn buýsandyryjy ýagdaýdyr. Milli Liderimiziň «Hakyda göwheri» atly kitabynda «aksakgal» sözüne aýratyn ähmiýet berlip, bu adyň ýaşalan ýaş bilen däl-de, edilen işler bilen gazanylýandygy bellenilýär. Bu möhüm jemgyýetçilik-syýasy çärä gatnaşýan ýaşulular halkyň alkyşyny alan, ilat tarapyndan uly sylag-hormat bildirilýän adamlardyr. Köneler aýtmyşlaýyn, «Mert söweşde belli, dana — geňeşde». Ýeri gelende bellesek, 2023-nji ýylda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Ýaşulular geňeşi hem döredildi. Bu bolsa adamlaryň bähbidine, halkyň ruhy we ykdysady taýdan galkynmagyna gönükdirilen çözgütleriň kabul edilmeginde ýaşuly nesliň ornunyň uludygyny tassyklaýar.

Gahryman Arkadagymyz: «Parahatçylyk, ynsanperwerlik kadalaryna ygrarly, beýik taryhy hem-de medeniýeti döreden ata-babalarymyzyň mukaddes däplerini mynasyp dowam etdirip, dünýäde umumy ykrar edilen demokratik düzgünlere eýerip, Türkmenistanyň Halk Maslahatyny döretdik» diýip bellemek bilen, bu ýokary wekilçilikli edaranyň işini döwrüň talabyna laýyklykda guraýar. Şunda Milli Liderimiziň «Döwlet adam üçindir!» hem-de hormatly Prezidentimiziň, «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen parasatly şygarlarynyň orny iňňän uludyr. Halk Maslahaty adamlaryň bähbidine gönükdirilen, ýurdumyzy gülledip ösdürjek çözgütleriň kabul edilýän meýdançasydyr. Halk Maslahaty kanunyň hökmürowanlygynyň, milli we demokratik däpleriň doly derejede berjaý edilýän ýeridir.

Milli Liderimiz halkara giňişlikde görnükli syýasatçy hökmünde tanalmak bilen, sebitiň we dünýäniň bähbitlerine gönükdirilen möhüm işleri amala aşyrýar. «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly filosofiýa Gahryman Arkadagymyzyň dünýäniň ähli ýurtlarynda abadançylygy we howpsuzlygy üpjün etmekde alyp barýan işleriniň ýörelgesidir. Milli Liderimiziň Halk Maslahatynyň Başlygy hökmünde daşary ýurtlara amala aşyrýan saparlarynda sebit we dünýä ähmiýetli başlangyçlary öňe sürmegi bilen bu ýokary wekilçilikli edaranyň halkara abraý-derejesini belende göterýär. Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy wezipesinde netijeli we abraýly işlemek bilen, ildeşlerimize watansöýüjiligiň, zähmetsöýerligiň, il-güne wepaly hyzmat etmegiň ajaýyp nusgasyny görkezýär.

Şu ýyl umumymilli forum 23-nji sentýabrda paýtagtymyzdaky Maslahat köşgünde geçiriler. Döwletli geňeşde amala aşyrylan işleriň jemi jemlener. Şeýle-de «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda göz öňüne tutulýan möhüm çärelere ýokary derejede taýýarlyk görmek bilen bagly işlere serediler. Onuň yzysüre ýurt Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllygy mynasybetli dürli ugurlarda ýokary zähmet üstünliklerine eýe bolan, halk arasynda uly abraýdan, sylaghormatdan peýdalanýan watandaşlarymyza döwlet sylaglary gowşurylar hem-de hormatly atlar dakylar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň we Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk toýunyň ähmiýetini wagyz etmek maksady bilen, häzir ýurdumyzda maslahatlar, «tegelek stol» duşuşyklary geçirilýär. Olarda hormatly Prezidentimiziň ozal beren tabşyryklaryny üstünlikli amala aşyrmak ugrunda görülýän tagallalar, geçirilýän işler dogrusynda gürrüň edilip, Diýarymyzyň okgunly ösüşini üpjün etmekde her bir raýatyň ornunyň uludygy barada bellenilýär. Şeýle duşuşyklarda beýan edilýän pikirler şanly toýumyzy mynasyp dabaralandyrmak bilen bagly işleri has-da şowly amala aşyrmaga ýardam berýär.

Diňe bir döwletimizde däl-de, daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarymyzda hem, konsullyk edaralarymyzda hem Halk Maslahatynyň mejlisiniň, onuň yzysüre belleniljek Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk toýunyň ähmiýetini wagyz etmek bilen bagly işler geçirilýär. Olardaky çykyşlarda daşary ýurt bilermenleriniň, alymlaryň, diplomatlaryň, mugallymlaryň beýan eden pikirleri ýurdumyzda alnyp barylýan giň gerimli işlere möhüm ähmiýet berilýändigini tassyklaýar.

Wagyz-nesihat işleri maslahatlardyr duşuşyklar bilen çäklenmän, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde-de dowam etdirilýär. Möhüm jemgyýetçilik-syýasy çärelere taýýarlyk işleri baradaky habarlary dessin halka ýetirmekde teleradiodaýaýlymlarda, gazet-žurnallarda zähmet çekýän žurnalistleriň alyp barýan işlerine esasy orun degişli. Habarlaryň, seljerme we syn beriji gepleşikleriň, makalalaryň mazmunynda ýurdumyzyň durmuşynda bolup geçýän wakalaryň ähmiýeti beýan edilýär.

Türkmen žurnalistleri bilen bilelikde, Türkiýe Respublikasyndaky ilçihanamyzyň ýardam bermeginde «Turkic World» halkara habarlar portaly hem öňde boljak döwletli geňeşe görülýän taýýarlyk işleri, ony guramaçylykly geçirmek bilen bagly tagallalary köpçülige ýetirýär. Umumymilli forumyň geçirilýän günlerinde bolsa portalyň okyjylary onuň barşy, çykyşlar, garalýan meseleler, kabul ediljek çözgütler bilen yzygiderli tanşarlar. Türki döwletleriň durmuşynda bolup geçýän wakalary giňişleýin halka ýetirýän bu abraýly internet neşirinde Türkmenistanyň Halk Maslahatyna degişli ýörite bölümiň açylmagy aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

***

Halkyň ykbalyna dahylly bolmak, alyp barýan işiňi milli we ählumumy bähbitlere gönükdirmek, tejribäňi, bilimiňi we ömrüňi mertligiň, zähmetsöýerligiň nusgasy hökmünde iliňe bagyşlamak diňe ýüregi Watan diýip urýan ynsana başardýar. Çünki beýik taryhy beýik şahsyýetler döredýär. Olaryň durmuş ýoly-da, amal eden işleri-de aýratyn öwrenilmeli mekdep, ýazylmaly kitap. Milli Liderimiz hem, hormatly Prezidentimiz hem ähli zähmetini we söýgüsini halkyna bagyşlaýan şahsyýetlerdir. Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly başlangyçlary bilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde kabul ediljek çözgütler beýik özgertmeleriň täze sahypasyny açar.

**Baýnazar BAÝHANOW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
3-nji ýyl talyby.

# EGSILMEZ BUÝSANJYMYZ

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygy ýurdumyzyň müňýyllyklara uzap gidýän şöhratly taryhyna we häzirki zaman ösüşine täze, has beýik many bermek bilen, döwletliligimiziň pugtalanmagynda möhüm ähmiýetli senedir. Bu şanly sene diňe bir ýetilen menzilleri jemleýän wagt aralygy däl, eýsem, Garaşsyzlygyň beren egsilmez mümkinçilikleriniň, milli buýsanjyň we röwşen geljege bolan ynamyň aýdyň beýanydyr. Mundan otuz bäş ýyl ozal özbaşdaklyk ýoluna gadam basan Türkmenistan gysga taryhy döwrüň içinde syýasy, ykdysady, medeni we ruhy taýdan ägirt uly ösüş ýoluny geçdi. Şol döwürde amala aşyrylan düýpli özgertmeler diňe bir ýurdumyzyň içerki keşbini üýtgetmän, eýsem, onuň halkara giňişligine çykyşyny, dünýä jemgyýetçiligindäki ornuny hem düýpgöter täze derejä göterdi.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap, Türkmenistan özüniň daşary syýasatynda açyklyk, hoşniýetli goňşuçylyk we özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine ygrarlydygyny subut etdi. Ýurdumyzyň ählumumy ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk derejesi halkara parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbitlerine hyzmat edýän kuwwatly gurala öwrüldi. BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň üç gezek kabul edilmegi, ýurdumyz tarapyndan öňe sürülýän global başlangyçlaryň — energetika, ulag-kommunikasiýa, ekologiýa we suw diplomatiýasy ugrundaky teklipleriň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan gyzgyn garşylanylmagy, ata Watanymyzyň parahatçylyk dörediji merkez hökmündäki abraýyny barha artdyrýar. Bu bolsa Garaşsyzlygyň beren ýeňilmez güýjüniň we paýhasly diplomatiýanyň netijesidir.

Döwlet Garaşsyzlygy ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny düýpgöter artdyrmaga, milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge giň ýol açdy. Nebitgaz pudagy bilen birlikde, senagatyň täze ugurlary, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilikler we kiçi hem-de orta telekeçilik ýokary depginler bilen ösdürildi. Ýurdumyzyň welaýatlarynda we paýtagtymyz Aşgabat şäherinde gurlup ulanmaga berilýän döwrebap önümçilik kärhanalary, iri logistika merkezleri, azyk howpsuzlygyny üpjün edýän täze oba hojalyk toplumlary halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagyna berk binýat bolup hyzmat edýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe amala aşyrylýan beýik maksatly işler Türkmenistanyň ykdysady taýdan kuwwatly, ösen döwletleriň hataryndaky ornuny has-da berkidýär. Munuň mysal hökmünde ýurdumyzda «akylly» şäher konsepsiýasy esasynda gurlan we dünýäde nusgalyk bolan Arkadag şäheriniň ilkinji tapgyrynyň ulanmaga berilmegini, şeýle hem onuň ikinji tapgyrynyň gurluşyk işleriniň ýokary depginde alnyp barylmagyny görkezmek bolar. Bu täze şäher diňe bir döwrebap inženerçilik çözgütleriniň däl, eýsem, milli binägärlik ýörelgeleriniň we ekologik talaplaryň sazlaşygynyň aýdyň nyşanydyr.

Ykdysady üstünlikler bilen birlikde, ýurdumyzda ylym, bilim, saglygy goraýyş, medeniýet we sport ulgamlarynda hem ägirt uly üstünlikler gazanyldy. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýaş nesliň döwrebap bilim almagy, dünýä ölçeglerine laýyk gelýän täze mekdeplerde, çagalar baglarynda we ýokary okuw mekdeplerinde terbiýelenmegi üçin ähli şertler döredildi. Sanly bilimiň, daşary ýurt dilleriniň we innowasion tehnologiýalaryň okuw işine giňden ornaşdyrylmagy ýurdumyzyň intellektual kuwwatyny artdyrýar. Ýaşlarymyzyň ylymda, sportda we döredijilikde gazanýan ýeňişleri Garaşsyzlygyň bize peşgeş beren iň gymmatly baýlygy bolan zehinli nesilleriň ýetişýändigini tassyklaýar. Saglygy goraýyş ulgamynda bolsa halkymyzyň saglygyny goramak, keselleriň öňüni almak we ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlaryny ýetirmek maksady bilen gurlan halkara derejeli hassahanalar, anyklaýyş merkezleri dünýäniň ösen talaplaryna doly laýyk gelýär.

Ruhy-medeni taýdan hem Garaşsyzlyk döwründe milli mirasymyza, gadymy taryhymyza, dilimize we edebiýatymyza bolan sarpanyň hasda artýandygyny bellemek gerek. Ata-babalarymyzdan galan taryhy-medeni ýadygärliklerimizi öwrenmek, olary ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizmek boýunça giň möçberli işler amala aşyryldy. Milli sungatymyzyň, gözellik we parasatlylyk ýörelgelerimiziň dünýä ýüzünde wagyz edilmegi ýurdumyzyň medeni diplomatiýasyny has-da baýlaşdyrdy.

Garaşsyzlygyň 35 ýyllyk şanly toýuna ynamly barýan Türkmenistan häzirki wagtda täze belentlikleri we röwşen geljegi nazarlaýan kuwwatly döwletdir. Bu şanly ýyllaryň dowamynda gazanylan her bir üstünlik döwlet Baştutanymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda halkymyzyň jebisliginiň, zähmetsöýerliginiň we agzybirliginiň miwesidir. Ýurdumyzyň mundan beýläk-de rowaçlanmagy, ykdysady taýdan kuwwatynyň artmagy we halkymyzyň abadan durmuşynyň üpjün edilmegi ugrunda alnyp barylýan tutumly işler Garaşsyzlygymyzyň binýadyny has-da berkidýär.

**Selbi BABAÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
2-nji ýyl talyby.



11-12-nji sentýabr aralygynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Aral deňziniň basseýni üçin BMG-niň Ýörite maksatnamasyny (UN SPAS) durmuşa geçirmegiň mehanizmlerini işläp taýýarlamak we anyklamak boýunça ikinji sebitara konsultatiw duşuşyk we suw diplomatiýasy boýunça Sebitara seminar geçirildi.

# Garaşsyzlyk baýramy mübärek bolsun!

## AGZYBIRLIGIŇ WE ÖSÜŞIŇ ÝOLY BILEN

Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllyk baýramy diňe bir seneler däl, eýsem, halkymyzyň taryhymyza, şu günümize we şöhratly geljegimize bolan buýsanjynyň, agzybirliginiň we döredijilik ylhamynyň beýik dabaralanmasydyr. Halkymyz geçen 35 ýylyň dowamynda durnukly ösüşiň, parahatçylygyň hem-de bagtyýarlygyň nusgalyk ýoluny geçdi. Gahryman Arkadagymyzyň: «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bütin dünýäniň halkara parahatçylyk we ynanyşmak Watany» diýen buýsançly sözlerinden ruhlanyp aýtsak, Garaşsyzlyk parahatçylygyň we ynanyşmagyň gözbaşydyr. Parahat, abadan günlerimizde, asuda asmanymyzda, bagtyýar durmuşymyzda Garaşsyzlyk ýalkymyny, özbaşdaklykda, özerklilikde ynanyşmagyň gözbaşyny görýäris. Şunuň bilen baglylykda, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllygynyň dabaraly toýlanmagy aýratyn many-mazmuna eýedir.

Ynam — güýç. Ynam — söýgi. Ynam — ganat. Şoňa görä-de, ynanyşmak garaşsyz ösüş ýolunyň bagt hemrasydyr. 1991-nji ýylyň güýzünde gazanylan Garaşsyzlyk türkmen halkynyň öz ykbalyny özygtyýarly kesgitlemegine, gadymy medeni we ruhy gymmatlyklaryny gaýtadan dikeltmegine giň ýol açdy. Garaşsyzlygymyzy gazananymyzdan soň Türkmenistan döwletimiz ähli ulgamlarda bedew bady bilen özgerdi. Ýurdumyzda senagatlaşma, nebitgaz toplumynyň döwrebaplaşdyrylmagy, «Galkynyş» gaz käniniň özleşdirilmegi, ak mermerli paýtagtymyz Aşgabadyň, şeýle-de döwrüň gudraty Arkadag şäheriniň gurulmagy munuň aýdyň mysalydyr. Garaşszylyk ýyllarynda ene dilimiz, gadymy däpdessurlarymyz, taryhy mirasymyz hem-de dünýä taryhynda yz galdyran beýik şahsyýetlerimiziň atlary gaýtadan dikeldildi.

Garaşsyzlyk ýaş nesiller üçin uly ruhy güýçdür. Döwletimiz tarapyndan ýaşlaryň kämil bilim almagy, ylym we tehnologiýa dünýäsine aralaşmagy, halkara sport giňişliginde at-abraýymyzyň ýokary galmagy üçin ähli şertler döredilýär.Bu gün ylymda, sportda, medeniýetde we ykdysadyýetde gazanylýan her bir üstünlik Garaşsyzlygymyzyň peşgeş beren miweleridir.

Garaşsyzlyk biziň mukaddes gymmatlygymyz, asuda asmanymyz we durnukly ösüşimiziň kepilidir. Taryhyň dowamynda gahrymançylykly ýol geçen halkymyz baş baýramymyzy uly zähmet üstünlikleri, toý dabaralary hem-de belent maksatlar bilen garşylaýar. Şanly 35 ýyllyk sepgit — bu ýöne bir taryhy sene däl, eýsem, asuda asmanymyzyň, berkarar döwletimiziň we dünýä nusgalyk türkmen diplomatiýasynyň belent dabaralanmasydyr. Goý, Garaşsyzlyk mukamy türkmen topragynda hemişe belentden ýaňlansyn!

**Oguljan KURBANOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
3-nji ýyl talyby.



## GARAŞSYZLYK BILEN GALKYNÝAR WATAN

Garaşsyzlyk biziň milli buýsanç çeşmämiz, synmaz binýadymyz we ýagty geljegimiziň beýik binasydyr. Türkmen halkynyň köpasyrlyk taryhynda özbaşdaklyk, erkinlik we öz mukaddes ojagyna eýe bolmak arzuwy mundan otuz bäş ýyl ozal hasyl boldy. Garaşsyzlygymyzyň jar edilen taryhy pursaty berkarar döwletimiziň öňünde täze sahypany açdy. Şol günden bäri geçen döwür diňe bir ýyllaryň yzygiderli çalşygy bolman, eýsem, halkyň ruhy taýdan täzeden döreýşiniň, kämilleşmeginiň we bagtyýar durmuşa bolan mukaddes ynamynyň dabaralanmasydyr. Garaşsyzlyk döwletiň syýasy kartada öz mynasyp ornuny almagyny üpjün etmek bilen birlikde, uzak geçmişden beýgelen şöhratly taryhyň, milli gymmatlyklaryň, dilimiziň, medeniýetimiziň täzeden galkynmagyna giň ýol açdy.

Watan diňe bir doglup, önüp-ösen topragymyz däl, ol biziň ruhy dünýämiz, ar-namysymyzyň we belent mertebämiziň ölçegidir. Garaşsyzlygyň sarsmaz sütünlerine daýanýan Watanymyzda galkynyş diňe bir binalaryň beýgelmegi bilen çäklenmän, eýsem, adamlaryň aňynda, geljege bolan ynamynda we watançylyk duýgularynda has aýdyň görünýär. Bu günki gün Türkmenistan özüniň parahatçylyk söýüji daşary syýasaty, hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy we beýik ynsanperwer ýörelgeleri bilen dünýä bileleşiginde uly abraýa eýe boldy. Ykdysadyýetiň ähli ugurlarynda gazanylan uly üstünlikler, häzirki zaman senagat toplumlary, giň we abadan ýollar, dünýä ölçeglerine gabat gelýän bilim we saglygy goraýyş edaralary — bularyň ählisi Garaşsyzlygyň bereketli miweleridir.

Agzybirlik, jebislik we parahatçylyk bolan ýerinde hemişe ösüş, galkynyş bolýar. Galkynyş bolsa durnukly özgeriş we ösüş diýmekdir. Watanyň galkynmagy her bir raýatyň öz zähmeti, bilimi, ukyby we watançylyk söýgüsi bilen döwlete goşýan goşandydyr. Ýaş nesilleriň döwrebap bilim almagy, milli ruhda terbiýelenmegi, ylma, sporta we sungata bolan höwesiniň barha artmagy Watanymyzyň geljeginiň has-da ýagty boljakdygyna güwä geçýär. Biziň gözümiziň alnynda bolup geçýän beýik özgerişlikler mukaddes topragymyzyň şan-şöhratyny gün-günden artdyryp, halkymyzy belent maksatlara ruhlandyrýar.

Garaşsyzlyk bilen galkynýan Watanymyz — bu biziň geçmişimize bolan çäksiz hormatymyz, häzirki günümize bolan buýsanjymyz we geljegimize bolan uly ynamymyzdyr. Türkmen topragynyň her künjegi, her bir şäheri, obasy häzirki wagtda beýik ösüşleriň we parahat durmuşyň aýdyň mysalydyr. Bu mukaddes toprakda urýan her bir ýürek Watanymyzyň gülläp ösmegi, onuň bagtyýar ertirleri üçin urýar. Biziň her birimiziň mukaddes borjumyz Garaşsyzlygymyzy, parahatçylygy we agzybirligi gözümiziň göreji deýin goramakdan, Watanyň şan-şöhratyny has-da belende galdyrmakdan ybaratdyr. Garaşsyzlyk bilen galkynýan Watanymyzyň ýoly hemişe açyk, geljegi bolsa aýdyň we şöhratlydyr.

**Züleýha GAÝGYSYZOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
2-nji ýyl talyby.

## GARAŞSYZLYK BAGTYM MENIŇ

*Äleme saçyp şuglasyn, Garaşsyzlyk eýýam gelip,*
*Ýer ýüzüne dolup ady, bu topraga döwran gelip,*
*Erkinlik, özbaşdaklyk, dillermize sena bolup,*
*Gün-günden pajarlap Diýar, Berkararlyk bina bolup,*
*Garaşsyzlyk bagtym meniň, Garaşsyzlyk tagtym meniň.*

*Otuz bäş ýyl bu döwürde, asyrlara uzan ýollar,*
*Arkadagym ýol görkezdi, gözelleşdi sag-u-sollar,*
*Gahrymanyň wesýetinden, güýç-kuwwat alan gollar,*
*Döwrüme şöhrat goşýandyr, agzybir, asuda iller,*
*Garaşsyzlyk bagtym meniň, Garaşsyzlyk tagtym meniň.*

*Gaýdýandyr Oguz atamdan, agzybirlik namalary,*
*Gorkut dädäň pentlerinden, joşdy göwün hanalary,*
*Taryha altyn harp ýazyp, öňe çykdy danalary,*
*Göroglynyň sahawaty heýjan etdi synalary,*
*Garaşsyzlyk bagtym meniň, Garaşsyzlyk tagtym meniň.*

*Pyragynyň arzuwlany erkin döwlet, erkin zaman,*
*Hasyl boldy Garaşsyzlyk, bu bagtyýar iller aman,*
*Halal zähmet gaýnap joşýar, zähmet çekýäs hiç ýadaman,*
*Höküm surdi asudalyk, garaňkylyk boldy tamam,*
*Garaşsyzlyk bagtym meniň, Garaşsyzlyk tagtym meniň.*

*Guruldy gara ýollar, demir ýollar, deňiz ýollar,*
*Nebit-gazy, magdan käni, gazyp alýar ezber-zorlar,*
*«Ak altyndan», ak bugdaýdan dag döretdi daýhan gollar,*
*Keşde, hala dünýä haýran, döredendir çeper eller,*
*Garaşsyzlyk bagtym meniň, Garaşsyzlyk tagtym meniň.*

*Aýlawlarda bedew münüp, älem ýüzün haýran eýläp,*
*«Galkynyşyň» ýigitleri , ýer ýüzüne seýran eýläp,*
*Ahalteke bedewleri çamanlary biryan eýläp,*
*Mert ýigitler baýraklydyr, aýlawlarda döwran eýläp,*
*Garaşsyzlyk bagtym meniň, Garaşsyzlyk tagtym meniň.*

*Gör, üç gezek ykrar boldy, Bitaraplyk derejämiz,*
*Dünýäň ýüzi goldanynda, duýgularmyz boldy tämiz,*
*Ýeke-täk Bitarap döwlet, buýsançly biz hemmejämiz,*
*Parahatlyk tugumyzdyr, söýgülidir rejämiz,*
*Garaşsyzlyk bagtym meniň, Garaşsyzlyk tagtym meniň.*

*Paýtagtymyz gözelleşýär, haýran galyp barsaň ýöräp,*
*Arkadagyň pähmi bilen, ýene täze şäher döräp,*
*Galkynarsyň gözellige, doýmarsyň sen garap-garap,*
*Göwnüň götär leýlisaçlar, oturandyr başyn yrap,*
*Garaşsyzlyk bagtym meniň, Garaşsyzlyk tagtym meniň.*

*Täze Galkynyşlar döwri, gatbar-gatbar binalary,*
*Her bir öýde ýaňlanyp dur Garaşsyzlyk senalary,*
*Çüwdürimler keýpiň sazlar, misli bagtyň kenarlary,*
*Gözellige joşan göwnüň, dartylar göwün tarlary,*
*Garaşsyzlyk bagtym meniň, Garaşsyzlyk tagtym meniň.*

*Jumaberdi ARTYKOW,*
*«Ýaş diplomatyň sesi».*

14-nji sentýabrda Türkmenistanyň DIM-nde Türkmenistanyň daşary işler ministriniň orunbasary Mähri Bäşimowa bilen Moldowa Respublikasynyň Parlament agzasy, Türkmenistan bilen parlamentara dostluk toparynyň başlygy Petru Burdužanyň arasynda duşuşyk geçirildi.

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty
Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

*Baş redaktor*
***Jumaberdi ARTYKOW***

***Baş redaktoryň orunbasarlary:*** *A.Ýazweliýew, Y.Hallyýew.*
***Jogapkär kätip:*** *O.Çaryýarowa.*
***Jogapkär kätibiň orunbasary:*** *A.Begenjow.*
***Bölüm müdiri:*** *B.Baýhanow.*
***Edebi işgärler:*** *Ş.Şyhyýew, A.Nedirowa, A.Baýjiýewa, G.Allagulyýewa, O.Garrygulowa.*
***Korrektorlar:*** *O.Geldiýewa, S.Çaryýew.*
***Fotohabarçy:*** *T.Gurbandurdyýew.*

**Redaksion geňeşiň agzalary:**
*P.Çaryýew, M.Berdinyýazow, M.Atanyýazow, R.Bäşimow, B.Karaýew, O.Ezimowa, M.Gandymowa, M.Gurbannazarowa, B.Ataýew, M.Atajanowa, J.Pürjäýewa.*

*Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.*

***E-mail:***
***hgi.redaksiya@gmail.com***